# Yşarat däl, aýan eýle

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Yşarat däl, aýan eýle YŞARAT DÄL, AÝAN EÝLE



Bu dünýä bir kerwensaraý,
Goş ýazdyryp, düşledigim.
Bäş günlik däl, baky saýyp,
Munda göwün hoşladygym.
Imrinip gezdigim dünýäñ,
Gözelligi ne, ajaýyp,
Iman däl-de, pul gözledim,
Munda has zerurym saýyp.

Çapdyryp hyýal atymy,
Çapdym, çar ýana galgadym.
Şunça ýyl döwran sürsemem,
Neçüýn gelenim añmadym.

Geldigim syr, gitdigim syr,
Bu dünýäme, düşelgäme.
Oýan, oýlan, pikir eýle,

Ynsanlygyñ syry näme.

Diýip, kakyp gursagyna,
Diñ salyp, diñşirgäp duran.
Naçaryña yşaratmy,
Ylahy düýşleri gören.

Yşarat däl, aýan eýle,
Dünýe syryn çözläýin men.
Eý Biribar, ýodalardan,
Öz ýolumy gözläýin men. Goşgular